# Görsene özgerip bilşim…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Görsene özgerip bilşim… GÖRSENE ÖZGERIP BILŞIM…

Ýekeje  zatdy islegim:
Men özüme, öňküligme  dolansam.
Seret, bolşum…
Ruhum göwräm bilen sersepil yrap,
Syrly gijelerde, çeken hasratym,
Geçýän günlerimi gussama sarap,
Ýalňyz yşkym bilen özgerip bilşim.

Iň soňky ýapragyn baldakda saklan,
Teşnelikden guran gülüň solşy deý,
Umydym ýitirmän ýaşajak bolşum.
Gör, bir wagtky hondanbärsi keşbini
Dünýäni topukdan saýmaýan gyzyň,
Tumşugy ýokarda gedemjäň bolşun.
Indem mertsirän bolup iliň ýüzüne,
Ýalançyň ýüzünde azaşyp ýörşün.

Çolaran dünýäde yşk bilen galyp,
Ökünç bilen ötünç sorap sabada,
Ýaradana ýalbaryplar,
Ýadyrgaplar dünýeden.
Golun serip,
Sabyr diläp
Garaşýanyny, gör, näbelli zada.

Iki jahan owarrasy janyny
Saklap bilmän çalajan ruhda
Ne ýazyp bilşini gör,
Ne ýaşap bilşin…

Bilbil KAKABAÝEWA. Goşgular